# Pekinde Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň hormatyna kabul edişlik geçirildi

Pekinde 25-nji noýabrda Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli dabaraly kabul edişlik we Magtymguly Pyragynyň saýlanan goşgularynyň hytaý diline terjime edilen täze neşiriniň tanyşdyrylyşy geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň metbugat gullugy habar berdi.

Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçisi Parahat Durdyýew myhmanlara beýik gündogar şahyry we akyldarynyň pelsepesiniň mazmuny, onuň döredijiliginiň Türkmenistanyň ösüşine täsiri barada maglumat berdi. Hytaýyň daşary işler ministriniň kömekçisi Liu Bin hem gatnaşyjylara ýüzlenip çykyş etdi. Ol türkmen halkyny garaşsyzlygyň 33 ýyllygy we Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen gutlady.

Çäräniň çaginde Türkmenistana degişli wideoşekiller görkezildi. Gatnaşyjylar däp bolan türkmen tagamlaryny dadyp gördüler. Soňra Magtymguly Pyragynyň hytaý dilindäki kitabyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Mundan başga-da, myhmanlara “Magtymguly Pyragynyň akyl hazynasy” ýylynyň nyşany bilen sowgat toplumlary we türkmen öndürijileriniň süýji önümleri gowşuryldy.

Все права защищены